2013-nji ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat ak mermerli binalaryň has köp jemlenen şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizioldi we bu neşiriň degişli şahadatnamasy gowşurdyldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda 2013-nji ýyldan başlap 25-nji maý paýtagtyň güni – Aşgabat şäheriniň güni hökmünde bellenilip başlandy.

Aşgabat şäheri gözelligiň nusgasy bolmak bilen, ata Watanymyzyň buýsanjydyr. Paýtagtymyz dünýä jemgyýetçiliginiň hem halkara merkezine öwrüldi.

Bu günki günde Aşgabat şäheri ulag ulgamy awtomobil, demir ýol we howa ulag görnüşlerinden ybaratdyr. Paýtagtda halkara howa menzili hereket edýär. Aşgabat Türkmenistanyň iri aragatnaşyk ulgamy bolup durýar. Bu ýerde tele we radiokommunikasiýalarynyň, sanly hemra aragatnaşygynyň ösen tory döredilendir. Türkmenistanyň paýtagty iri söwda merkezi bolup durýandyr. Ýurduň umumy söwda dolanyşygynda Aşgabat öňdebaryjy orny eýeleýändir.

Her ýyl 25-nji maýda Aşgabat şäheriniň güni giňden bellenilýär. Bu baýramçylyk şol gün ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde geçirilýän “Soňky jaň” dabaralary bilen utgaşyp, has-da özboluşly häsiýete eýe bolýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda gözel paýtagtymyz Aşgabadyň syýasy, ykdysady we medeni merkez hökmündaki orny gitdigiçe giňeýär we berkeýär. Hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda ak şäherimiz Aşgabat özüniň özboluşly bir owadan binagärlik keşbi bilen dünýäniň rekordlar şäherine öwrüldi. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen paýtagtymyzda gurlup, ulanylmaga berlen ajaýyp desgalaryň ýedisiniň Ginnessiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilmegi türkmen döwletiniň binagärlik sungatynyň belent sepgitlere ýetendigininiň nyşanydyr.

**Nowruz REJEPOW**
**Türkmenistanyň Inžener-teniki we**
**ulag kommunikasiýalary**
**institutynyň talyby**

Все права защищены